# «Ýeriň titremeginiň sebäplerini…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Ýeriň titremeginiň sebäplerini…" «ÝERIŇ TITREMEGINIŇ SEBÄPLERINI…»




Ýeriň titremeginiň sebäplerini,
Ogly atasyna düşündirýärkä,
Çölüň jümmüşinde, çopan goşunda
Irkiräk döwürde boldy bu waka.
Ogul gürrüň berdi, ata diňledi,
Diýdi onsoň:
– Indi maňa gulak as.
Diýipdirler: ody özgä basmankaň,
Ony ilki bilen öz-özüňe bas.

Ýeriň astyn-üstün gorjap çykdyňyz,
Galmady görgiliň bir bitin ýeri.
Eger şeýdip çişläp dursaň gerşiňi
Aýt, seniň özüň näderdiň,
Ýeri?..

Berdinazar HUDAÝNAZAROW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 03.10.1986 ý. Goşgular